# Dönen dönsin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dönen dönsin Dönen dönsin

Goýuñ meni hak yşkyna ýanaýyn,
Dönen dönsin, men dönmenem ýolumdan.
Ýoldan dönip mahrum bolup galmanam,
Dönen dönsin, men dönmenem ýolumdan.

Kazylar,müftiler perman ýazsalar,
Ynha kement, ine boýnum, assalar,
Ynha hanjar, ine başym, kesseler,
Dönen dönsin, men dönmenem ýolumdan.

Bir gün magşar bolup diwan gurular,
Günälu günäsiz bary tapylar,
Piri bolmaýanlar onda biliner,
Dönen dönsin, men dönmenem ýolumdan.

Pir Soltanam arşa çykar şanymyz,
Ol hem biziñ ulymyzdyr, pirimiz,
Haka sary barsyn garyp janymyz,
Dönen dönsin, men dönmenem ýolumdan.

PIR SOLTAN ABDAL
Terjime eden: Nureddin KESEARKAÇLY Goşgular